# Unutma

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Unutma UNUTMA

Aldandyň, ezizim, ýalňyşdyň çensiz,
Ýöne soňra biljegiňi, unutma.
Saňa durmuş juda kyn düşer mensiz,
Günleň agyr geljegini unutma.

Mejnunyň Leýlini söýşünden zyýat
Söýüpdim men seni, wah, özüň şaýat.
Sen şeýle söýgini bilmediň aýap,
Ahmyr bolup dömjegini unutma.

Hoş gal, gidýän ömür saňa lak atman
Gezjek borun, «oýlan» diýip ýatlatman.
Emma öpüşlermi ýatlap, dodaklaň
Lowlap-lowlap ýanjagyny unutma.

Ähdiň, wepaň, gör, daşlaşyp seň bile
Gaçyp barýar, bir näbelli menzile.
Ýaşlyk arzuwlaňam gider meň bile,
Bir boş göwrä dönjegiňi unutma.

Şat günleňde, belkem, biri gaşyňa
Gonup, meni getirmez seň huşuňa.
Kyn günleňde welin girip düýşüňe,
Ýalňyz hossar boljagymy unutma.

Hoş gal, peýda gelmez soňky «belkemden…»
Gan bilen girmedik çykarmyş tenden,
Bu ýüregem daş däl, sowap kem-kemden,
Ahyr bir gün sönjegini unutma.

Italmaz NURYÝEW. Goşgular